# Ýigit men

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýigit men Goý gutlabersinler ýetmiş ýaş bilen,
Ýetmiş küje, otuz ýaşly ýigit men.
Hoşlaşsam-da otuz iki diş bilen,
Gyraw saçly, juwan başly ýigit men.

Göwnümde-dä jahyllygyñ çaky bar,
Beý diymäge her kimiňem haky bar,
Diýipdirler:»Degişmäňem çaky bar,
Şol çendenem çykýan çenden çagt men.

Men bir bedewim bar, eýer, uýansyz,
Ozalam häzirem oňamok onsuz,
Bek ýapyşyp bilsen ýyndamdyr çensiz,
Şol bedewi çapyp barýan jigit men.

Ol bedew gazetim göwün hoşum meñ,
Gazetdir ganatym, göwün guşum meñ,
Galamdaşlam gallap durka daşym meñ,
Babyr bilek pälwan güýçli ýigit men.

Ýallaklaşyp günin görýänler bilen,
Namysyny ýele berýänler bilen,
İş düzedip elin serýänler bilen,
Göreş tutýan gapak döşli ýigit men.

Ýazan zadyň gümirtiksiz ýazmakda,
Ýazansoň ykbalyn dogry çözmekde,
Gezek gelse dostuna-da dözmekde,
Galamynyň ujy çişli ýigit men.

Dal bedewi çapyp barýan ýigit men.
Ýetmiş nire, otuz ýaşly ýigit men. Goşgular